# Ýyl Ýazgylarynyň ikinji kitaby

## Giriş

*Ýyl Ýazgylarynyň ikinji kitaby* Süleýman pygamberiň (hem patyşanyň) şalyk süren döwründen tä onuň ölümine çenli bolan döwri öz içine alýar. Kitapda Ýerobgamyň baştutanlygynda demirgazyk tireleriň Süleýman patyşanyň ogly Rehobgam patyşa garşy eden gozgalaňy, şeýle hem gündogar patyşalygy Ýahudanyň tä Isa Mesihden öňki 586-njy ýylda Iýerusalimiň synmagyna çenli bolan döwrüň taryhy beýan edilýär.

**Mazmuny**


Süleýmanyň şalyk sürmegi 1:1—9:31
- Irki ýyllar 1:1-17
- Süleýman ybadathanany gurýar 2:1—7:10
- Soňky ýyllar 7:11—9:31

Demirgazyk tireleriniň gozgalaňy 10:1-19
Ýahudanyň patyşalary 11:1—36:12
Iýerusalimiň synmagy 36:13-23


## 1-nji bap

### Süleýman Hudaýdan pähim-paýhas dileýär

*(1-nji Pat 3:1-15)*

1 Dawudyň ogly Süleýman öz patyşalygyny berkitdi.
Hudaýy Reb onuň bilen bolup, ony juda beýgeltdi.
2 Süleýman tutuş Ysraýyly–müňbaşylary, ýüzbaşylary,
häkimleri, Ysraýylyň ähli baştutanlaryny we urugbaşylary
çagyrdy. 3 Onsoň Süleýman ýanyndaky bütin jemagat
bilen Gibgondaky seždegähe gitdiler. Rebbiň guly
Musanyň çölde guran Hudaýa ýüz tutulýan çadyry şol
ýerdedi. 4 Dawut Hudaýyň sandygyny Kirýategarymdan
Iýerusalime onuň üçin taýýarlan çadyryna getiripdi.
5 Huruň agtygy, Urynyň ogly Besaleliň bürünçden ýasan
gurbanlyk sypasy bolsa Gibgonda Rebbiň mukaddes
çadyrynyň öňündedi. Şoňa görä Süleýman bilen jemagat
ol ýere Rebden maslahat soramaga gitdiler. 6 Süleýman ol
ýerde Rebbiň huzurynda mukaddes çadyrdaky bürünçden
bolan gurbanlyk sypasyna gelip, onda müň sany ýakma
gurbanlygyny hödürledi.
7 Şol gije Hudaý Süleýmana görnüp, oňa: «Dile, dilän
zadyňy bereýin» diýdi. 8 Süleýman Hudaýa şeýle jogap
berdi: «Sen meniň kakam Dawuda beýik, sadyk söýgiňi
görkezip, meni onuň ýerine patyşa etdiň. 9 Ýa Hudaýymyz
Reb, goý, indi kakam Dawuda beren wadaň amala
aşsyn, çünki Sen meni ýeriň tozy ýaly san-sajaksyz
bolan bir halkyň üstünden patyşa etdiň. 10 Indi şu halky
dolandyrmagym üçin maňa danalyk hem bilim ber. Kim
Seniň bu beýik halkyňy dolandyryp biler?» 11–12 Hudaý
Süleýmana şeýle diýdi: «Kalbyňda şu islegiň bardygy üçin,
özüňe mal-mülk, baýlyk, at-abraý ýa öz duşmanlaryňyň
ölümini ýa-da özüň üçin uzak ömür dilemän, eýsem
üstünden patyşalyga bellän halkymy dolandyrmaga özüňe
pähim-paýhas we düşünje diländigiň üçin, Men saňa
paýhas we düşünje berýärin. Şeýle hem Men saňa senden
öň hiç kimde bolmadyk we senden soň hem hiç kimde
bolmajak baýlyk, mal-mülk we at-abraý bererin».

### Süleýmanyň harby we täjirçilik işleri

*(1-nji Pat 10:26-29)*

13 Şeýdip, Süleýman Gibgondaky seždegähden, Rebbiň
mukaddes çadyryndan Iýerusalime gelip, Ysraýyla
patyşalyk etdi. 14 Süleýman söweş arabalary bilen arabaly
goşun toplady. Onuň bir müň dört ýüz söweş arabasy, on
iki müň söweş arabaly esgeri bardy. Süleýman olary söweş
arabalary saklanýan şäherlerde we patyşanyň ýanynda
— Iýerusalimde ýerleşdirdi. 15 Patyşa Iýerusalimde
kümüş bilen altyny daş ýaly köpeltdi, kedr agaçlaryny-da
günbatar baýyrlykda bitýän ýabany injir agajy ýaly
köpeltdi. 16 Süleýmanyň atlary Müsürden we Keweden
getirildi; patyşanyň täjirleri olary Keweden belli bir baha
satyn aldylar. 17 Süleýmanyň atlary Müsürden getirildi.
Bir söweş arabasy, on ýedi gadak[1] töweregi kümşe, bir at
bolsa dört gadakdan[2] gowrak kümşe satyn alyndy. Şeýdip,
bu söweş arabalary we atlar, Süleýmanyň täjirleriniň üsti
bilen hetleriň we Siriýanyň ähli patyşalaryna satylýardy.

---

[1] **1:17** ***On ýedi gadak*** — ýewreýçe *alty ýüz şekel*. Bu takm 7 kg deňdir.
[2] **1:17** ***Dört gadak*** — ýewreýçe *bir ýüz elli şekel*. Bu takm 1,7 kg deňdir.